MEDENI BAÝLYK ÝURDUŇ DAŞYNA GIDÝÄR

Awtoritar syýasatyň höküm sürýän ýurdunda, erkinlige ýol berilmeýän ýerde diňe bir akyl zähmeti ýa-da sagdyn işçi güýji däl, eýsem medeni baýlyk hem daşara gidýär. Türkmen ýazyjysy Hudaýberdi Hallynyň hyzmaty muňa mysal bolup biler.

Ýazyjynyň eserleri Türkmenistanda yzygider çap edilýärdi. Olardan birnäçesi okuw kitaplaryna girizildi. Soňra erkin pikirleri aýdýandygy üçin, ýazyja gadaganlyk girizildi hem kitaplary ýurduň kitaphanalaryndan ýygalyp alyndy. Ýöne beýle çäre döredijiji adamy saklap bilmeýär. Ýazyjynyň eserleri başga dillere terjime edilýär hem ýurtdan daşarda kitap bolup çykýar.

Golaýda Gyrgyzystanyň «Улуу Тоолор» neşirýaty ýazyjynyň 11 kitapdan ybarat eserler ýygyndysyny çapdan çykardy.



Bu kitaplar Türkmenistanyň düýnki hem şu günki durmuşyny beýan edýär. Ýygynda girizilen eserleriň birnäçesi öň ýurduň içinde çap bolupdy. Öz döwründe olar gowy garşylanypdy. Ýazyjynyň ýurduň daşynda döreden eserleri-de az däl. Muňa çagalar baradaky eserleri, türkmenler hem geçen asyrda ýaşap geçen belli şahslary baradaky belletristikasy we ýatlamalary girýär. Aýratyn-da, döredijiji işgärler baradaky “Döwür we galam” atly üç kitapdan

ybarat ýatlamalary gymmatly bolsa gerek. Ýazyjy bu ýerde özüniň gören ýa-da ýakyndan tanaýan söz ussatlary barada gürrüň berýär. Beýleki bir kitap medeniýete – bagşy-sazandalara hem sungat wekillerine bagyşlanypdyr.

Şeýlelikde, kitaplar şu tertipde gelýärler.

1-nji tom «Gadymy Marynyň hekaýalary». Ol Galam hakda munajat bilen başlanýar. Kitaba "Ikatýok" romany bilen oba durmuşyndan hekaýalar girizilipdir.

2-nji tom «Mukam». Adybir hekaýanyň adyny göterýän bu tom hekaýalary öz içine alýar. Onda "Gurjak", Eneler hakdaky hekaýalar toplumy we ýene 27 hekaýa bar. Olardan birnäçesi dürli dillere terjime edildi.

3-nji tom «Nagyş». Bu tom hem eseriň ady bilen baglanyşykly. Onda "Üç gulakly adam" kyssa eserleri bilen gysga hekaýadyr etýudlar, meseller we iki sany drama eseri bar. Ýazyjynyň "Nagyş" eserine professor Ýusup Azmun sözbaşy ýazypdyr.

4-nji tom «Köne sandyk». Kitap tutuşlygyna çagalara niýetlenýär. Kiçi, orta we uly ýaşlylar üçin, dürli temadan hekaýalar, ertekiler alnypdyr. Şeýle hem Garagum çöli, onda ýaşaýan gumlular hakda hekaýalardan düzülen kyssa bar.

5-nji tom «Türkmenler». Kitap iki bölümden ybarat bolup, 1-nji bölümde türkmenler, olaryň ýurdy, milli aýratynlyklary we häsiýeti hakda gürrüň gidýär. 2-nji bölüm syýahat depderi. Onda goňşy döwletlere, şol sanda Ýakyn Gündogara hem Günbatar ýurtlaryna türkmeniň syýahaty beýan edilýär.

6-njy tom «Zamana». Ol döwür hakda. Başda rus-türkmen gatnaşyklarynyň taryhyndan makalalar ýerleşdirilýär. Soňra dürli döwürlerde Türkmenistana ýolbaşçylyk eden S. Babaýew, J. Garaýew, B. Öwezow, M. Gapurow hem S. Nyýazow barada şahsy garaýyşlar bar. "Bir gäminiň adamlary" toplumynda Türkmenistanda XX asyryň ikinji ýarymynda ýaşan, ýagny ýazyjynyň tanaýan adamlary barada ýatlamalar bar. Onda jemi 18 adamyň portreti ýerleşdirilipdir.

7-8-9 tomlar «Döwür we galam» atlandyrylyp, ol çeper edebiýata bagyşlanýar.
7-nji tomda B. Kerbabaýew, A. Gowşudow, N. Saryhanow, H. Derýaýew, Çary Aşyr, B. Seýtäkow, Gara Seýitli, G. Kulyýew we G. Gurbansähedow bilen dünýä klassyklarynyň käbiri – Sopy Allaýar, W. Şekspir, R. Akutagawa, Ç. Aýtmatow, M. Magauin ýatlanýar. Kitapda Magtymguly we onuň döredijiligine "Zeburyň" täsiri baradaky makala berlipdir.
"Aslynda edebiýat näme?" atly makala hem şu tomda ýerleşýär.

8-nji tom «Galkynyş». Onda K. Gurbannepesow barada uly göwrümli ýatlama bar. Öde Abdyllaýew, Naryman Jumaýew, Mämmet Seýit, Paýzy Oraz, H. Taňryberdiýew, Ýylgaý Durdy we Halyl Kuly hakdaky ýatlamalar hem şu tomda.

9-njy tom «Güneýde galanlar». Onda G. Ezizow, Annasoltan Kekilowa, Şiraly, Juma Ilmyrat, Nobatguly Rejep, Akmyrat Şir, Bapba Gökleň, A. Bekmyradow we Osman Öde ýatlanýar.

10-njy tom «Gözellik köşgi». Kitapda sungat hem sungat wekilleri barada gürrüň gidýär. Kitabyň agramly bölegini aýdym-saz sungatynyň wekiller hakdaky makalalar düzýär. Ol ýerde Magtymguly Garly, Sahy Jepbar, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Oraz Salyr, Ödenyýaz Nobat, Nurberdi Gul, Orazgeldi Ylýas, Sapar gyjakçy, Ilaman Anna, Kamiljan Atanyýazow we beýleki bagşy-sazandalar bilen W. Muhadow, N. Halmämmedow, Çary Nurymow, Annageldi Jülge ýaly kompozitorlar ýatlanýar. Sungat wekillerinden Baba Annanow, Mommy Seýitmyrat, Şahym Gully we başgalar bar. Sungat hakda pikirler hem käbir dünýä belli L. Pawarotti, S. Rihter ýaly ussatlar hakda makalalar goýlupdyr.

11-nji tom «Men – bag». Ol dürli döwrüň gündeligini, jemgyýet we adam gatnaşyklary baradaky pikirleri hem bellikleri öz içine alýar.

Kitaplar dürli suratlar bilen bezelipdir hem olaryň her birinde awtor barada maglumat berilýär. Kitaplary edinmek isleýänler ýazyjynyň özüne ýüz tutup bilerler.
Onuň salgysy: challyjev@gmail.com